# PAROL GORAGYNYŇ KÄBIR MESELELERI

1.Parol simwollarynyň yzygiderligi.
2.Parol yzygiderligini barlap döwmegiň esaslary.
3.Paroly döwmekligi programmirleme arkaly gurnamagyň häzirki zaman meseleleri.
4.Programmirleme dilleriniň deňeşdirilişi.
5.Paroly döwmeklige garşy usullary düzmek.
6.Parolyň döwülmeginiň öňüni alýan programma kody.

Bilşimiz ýaly, häzirki zaman goragynyň aglaba bölegi parol esasynda amala aşyrylýar. Bu usul gadymy usullaryň biridir. Ol gulp ýaly işleýär. Nädogry açar girizilende gulp açylmaýar. Şol açar köplenç simwollaryň (harplaryň, sanlaryň, nyşanlaryň) yzygiderliginden ybarat. Harplar barada gürrüň edilende – bir açarda dürli dilleriň harplaryny ulanmak bolýar.

Häzirki wagtda tehnologiýalaryň ösmegi parol goragyny kämilleşdirmeklige uly mümkinçilikleri döredýär, emma, belli bir de-rejede, parol goragynyň döwülmegine howplaryň hem artmagy gaty ähtimaldyr. Hakykatda, häzirki wagtda parol goragy meselesinde, pa-roly döwmek bilen meşgullanýan adamlarda has köp mümkinçilikler bar. Bu şular bilen düşündirilýär:

I. Gadymy döwürlerde gulpy açmak üçin dogry açary ýada onuň göçürmesini ulanypdyrlar. Häzirki zaman parol goragy köp derejede kompýuter tehnologiýasynyň meseleleri bilen bagly. Köplenç parol goragynyň ulanylmagyny biz aşakdaky ýagdaýlarda görýäris:

a) kompýuteriň fiziki ulgamyna girmek üçin (SETUP BIOS);
b) windows ýada başga amallar ulgamyna girilende;
ç) amaly programmalara ýada Internede girilende;
d) dürli programmalarda paroly çalşyrylanda;
e) käbir başga ýagdaýlarda.

Görşümiz ýaly, parol goragy köplenç programma derejesinde amala aşyrylan. Şol sebäpli onuň açylmagy (döwülmegi) hem amaly programmalar arkaly amala aşyrylýar.

Daýanç MERDANOW
Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar
we Informatika institutynyň talyby

Все права защищены